


## MYHMAN

Goja Hanaşwa Sugba öz howlusyndaky çynaryň astynda ýalňyz ogly Temire eýlenen ýukajyk derinden hokga tikip otyrdy.

Birden it üýrüp başlady. Goja başyny galdyrdy we nätanyş bir ýaş ýigide gözi düşdi, ýigit juda howlugýan bolara çemeli: ol howlynyň girelgesine ýetip-ýetmän, haýatyň üstünden böküp geçdi. Gojany görübem oňa tarap okduryldy we abhaz dilinde çalgyrt gürläp, ondan özüni gizlemegini haýyş etdi. Gep urşuna görä, ol çerkese çalym edýärdi. Ýigit demi-demine ýetmän sojap:

— Yzymdan kowup gelýärler. Dadyma ýetişip, gizle. Ýogsam tutduklary öldürýärler — diýip zowzullady. Goja derrew:

— Gir öýe! — diýdi-de, myhmany içerik saldy. Diwaryň öňüne merduwan söýäp, oňa jaýyň üçegini görkezdi we:

— Çyk, oglum! Duldaky ýüňüň üstüne geç-de, arkaýyn otur, meniň öýümde saňa adam ogly barmagyny batyrmaz — diýdi.

— Goý, ömrüňe ýamanlyk ýüzüni görmäsiň! — diýip, myhman ýüregi aram tapyp, derrew üçege dyrmaşdy.

Goja daşaryk çykdy, töwerekde hiç kimiň ýoklugyna göz ýetiribem öýe girdi. Ol aşakda duran ýerinden:

— Köşek, sen hiç zatdan howatyr etme. Töwerekde iňlär siňek ýok. Ähtimal, seniň bize geleniňi gören bolmandyr. Ýöne sen maňa bir zady aýt: kim seni kowup gelýär we näme üçin?

— Men biriniň ganyna galdym, indi dostlary onuň aryny alyp berjek bolup, yzymdan kowalap gelýärler.

— Sen ony näme üçin öldürdiň?

— Ol meniň göwnüme degdi: at üstünde oýun edip gelýärkäm gamçysy bilen atymyň ýüzüne çaldy!

— Öldüreniň kim bolmaly? Onuň ady näme?

— Bilmedim. Sebäbi diýseň, meň bu oba ilkinji gelşim...

Edil şu pursatda ýene it üýrdi, olaryň ikisi hem duran ýerlerinde doňup galdylar.

— Hüşş... Men gidip görüp geleýin — diýip, goja adaja seslendi-de, howla çykdy.

Ýapynyň aňyrsynda birtopar adam göründi, olaryň yz ýany bilen hem giden jemende peýda boldy. Goja gözüni kölegeledip, siňe-siňe seredip ugrady. Indi onuň öýüne golaýlap gelýän märeke aýyl-saýyl göründi. Olar alňasaman, ýuwaşja ýöräp gelýärdiler.

Goja: «Bular bu ganhory yzarlap gelýän däldirler-dä, hernä?» diýip içini gepletdi we myhmanyny döş gerip goramaga taýýarlandy.

Ynha birnäçe adam beýlekilerden saýlanyp, howlynyň gapysyny açdy we howla girdi. Olaryň yz ýany bilen hem uly märeke howla kürsäp girdi.

Ine, şu ýerde hem Hanaşwa adamlaryň elinde oýluga dolanan we agyr bir zadyň bardygyny gördi.

Tanyş oýlugyna gözi düşen dessine gojanyň gözleri garaňkyrap gitdi. Onuň ýüregi hanjar bilen dilinene döndi.

Saçlary çuw ak ýaşuly, gojanyň egindeşi we dosty Aşwýu Abij märekeden saýlanyp çykdy-da, oňa ýüzlendi:

— Mert bol, Hanaşwa! Bu gün seniň başyňa elhenç bela indi. Ýöne dünýäde wagty bilen köşeşmeýän derdi-bela ýok. «Adam mert boldugyça çydamly bolýandyr, onda-da başyna iş düşende şeýle bolýandyr» diýip, bize akyl berýän, eýsem, sen dälmidiň? Şu gün nätanyş bir çerkes seniň Temiriňi öldürdi!

Gojanyň aýaklary diýen etmedi. Ol ýüregini tutup, tas özünden gidipdi, hernä, adamlar ýetişip, oňa söýget bolaýdylar.

Aýal-ebtatlaryň agy-nalalary howlyny lerzana getirdi.

Gojanyň oglunyň meýdi öýde tagtanyň üstünde iki günläp demsiz-düýtsüz ýatdy.

Üçünji gün diýleninde Temiriň dost-ýarlary gölegçilikden gaýdyp gelip, Hanaşwa bilen howla ýygnandylar. Olar gijäniň birmahalyna çenli ýaşulynyň ýanyny saklap oturdylar.

Oglanlaryň biri, Temiriň ýegre dosty, aýrylyşmaz ýoldaşy dymyşlygy bozup: — Hemmämiz birigenimizde-de siziň ogluňyzyň ornuny tutup bilmejekdigimize biz düşünýäris. Ýöne biz derdiňizi siziň bilen deň paýlaşmalydyrys. Biz, göýä bolmasa, Temirimiz aýatda diri ýaly, her gün ýanyňyza geler durarys, nähili kömek gerek bolsa-da, hyk-çok etmeris — diýdi.

Oglanlaryň başga birisi:

— Ganhordan aryny alyp berjekdigimize hem söz berýäris. Çerkes mekirlik bilen gizlenýär. Ol tokaýda elimizden sypdy, nirededir golaýda bir ýerde ony biri yhlas bilen gizleýän bolmaly. Emma biz, barybir, ony taparys we janyny jähenneme ibereris. Sen munuň şeýle bolanyny bahym, juda bahym eşidersiň, belkäm, bu seniň derdiňi birneme egser — diýdi.

Olaryň dabaraly we aýgytly beren wadalary öýi göçere getirdi.

Şeý diýip, Temiriň dostlary öýli-öýlerine dagadylar.

Derdine teselli tapmaýan goja daş-töweregine garanjaklady, golaýda kimdir biriniň bolmagyndan howatyrlandy, myhmanyň goş haltasyny iýer-içer ýaly zatlardan doldurdy-da, merduwany üçege söýedi we:

— Myhmanym, indi düşäý! Bu ýerde adam ogly galmady. Hemmesi öýli-öýüne gaýtdy — diýip, çerkesi çagyrdy.

Çerkes merduwandan düşeninde bolsa, ol ysgynsyz elleri bilen goş haltany uzadyp:

— Ynha, al. Bu azyk-owkatlar iki güne ýeter. Öýüňe ýetjek bol, oglum. Tokaýyň içi bilen gitseň, geçit uzakda däldir. Gije gözedürtme garaňky, görjek ýokdur, ýoluň ak bolsun! — diýdi.

Myhman gojanyň alnynda telim gezek tagzym etdi we onuň donunyň syýyny taýly gezek ogşap, ýeke söz diýmezden, öýden çykyp ugrady.

## DANA JESIB

Jesib agtygy Çigise «Ogrulyk etmäňi, kart oýnamaňy goý» diýip, köp-köp ýalbardy. Emma ol ýalbarmalardan hiç hili netije çykmady. Ahyr bolmansoň, ömrüniň paýawlap gelýänligine gözi ýeten goja agtygyny iň soňky gezek ýanyna çagyrdy we:

— Bahym men bu ýagty jahandan gaýdýaryn. Sen şu çaka çenli meniň aýdanlaryma gulak gabartmadyň. Sen iň bolmanda, meniň soňky haýyşymy bir ýerine ýetirjekdigiňe söz ber. Sen häzire çenli ýaşaýşyň ýaly ýaşaber. Ýöne welin, köne, tejribeli bir ogryny gözläp tap we meniň adymdan ogrulyk etmäniň ýoluny öwretmegini haýyş et. Ýene-de bir köne, ökde kartbazy gözläp tap-da, ondan hem kart oýnamagyň tärlerini öwretmegi haýyş et. Her kim öz edýän işini gowy bilse ýagşy — diýdi.

Atasynyň aýdýanlaryna agtygy aňk-taňk boldy. Emma ol onuň soňky haýyşyny ýerine ýetirmegi wada berdi.

Onsoň goja Jesib aradan çykan badyna berlen wada wepaly agtyk ogrularyň «pirini» gözläp tapdy. Ogry haýyşy eşidip, haýran galdy.

Ogrularyň «piriniň» çaklaňja otagynda meňki bolsun diýer ýaly goş-golam ýokdy. Öý eýesi çagşap giden tagtanyň üstünde gyşaryp ýatyrdy. Ýerde çat açan golça durdy, ondan bäri-bärlerde hiç zat iýilmänligi görnüp durdy. Myhman hä diýmän dagap gitjek tagta sekiniň üstüne geçdi.

— Çekinme, göterer. Bu sekide, gör, näçe adam oturyp-turdy. Sen bu ýerlere nädip düşüp ýörsüň? — diýip, ogrularyň «piri» ýigide söz gatdy.

Çigis:

— Meniň atam öljek bolup ýatyrka, iň tejribeli ogryny gözläp tapmagy we ondan ogrulyk etmäni öwrenmegimi haýyş etdi — diýdi.

Ogrularyň «piri» heýjana geldi:

— Ataň saňa akylly maslahat beripdir. Sen türmelerden gözleri açylman ýören gögele, maýda ogrulary tapman, hut meni gözläp tapanyň gowy bolupdyr. Biziň pişämiz zehin talap edýär — diýip, ol hondan bärsi bolup gürledi. — Ederini bilmeýän, nalajedeýin ogrudan ogry bolmaz, ol öz aýagyna özi palta urýan adamdyr. Wah, aýtsaň, aýdyp oturmaly-la. Sen, iň gowusy, garaňky gatlyşan badyna ýanyma, gel.

Çigis:

— Sag bol! — diýip jogap berdi-de, öýlerine gaýtdy.

Emma ol bu ýere gaýdyp dolanmady. Ogrynyň dyrpytrak bolup ýaşan içerisi oňa atasynyň ähli ýalbarmalaryndan güýçli täsir etdi. Tozgunçylyk we hapaçylyk gözüne dürtülip durdy. Al, saňa gerek bolsa ogrulyk «bagty»?

Ogrynyň ýanyndan gaýdan Çigis kartbazlar «piriniň» gözlegine çykdy. Tapan kartbazynyň üsti-başy Çigisde has hem agyr täsir galdyrdy. Saçlaryny hüžžerdip, dyzynyň üstüne çöküp oturan kartbaz kartlary başly-barat zyňyşdyrýardy.

Ýigit amatly pursat tapyp näme üçin gelenini aýan etdi.

— Bo-how! Sen ýalňyşmansyň! — diýip, kartbaz hekgermek hekgerdi. — Men muny otuz ýyldan gowrak bäri oýnap gelýän. — Ol bir pursatlykça gyzaryp duran gözlerini kartlardan sowup, Çigisi boýdan-başa synlady. Soňra ýene-de kartlaryny göçgünlilik bilen garyşdyryp başlady we myhmana özi bilen kart oýnamagy teklip etdi.

Emma ýaş ýigit kartbazyň sagbolsunyny ýetirip, yzyna gaýtmak bilen boldy. Ol kartbazyň hem öz ömrüni ýele sowranyna magat göz ýetirdi.

Ine, şeýdip, goja Jesib öz agtygyny ýaramaz pişelerden halas etdi. Durmuşyň — adamy islendik öwüt-ündewlerden gowy terbiýeleýändigini goja gowy bilýär ekeni.

***Rusçadan terjime eden***
***Daňatar BERDIÝEW.***